# Ähli alada eziz körpeler üçin

***Bilşimiz ýaly, 2024-nji ýylyň 25-nji maýynda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly geçiren Hökümet mejlisiniň barşynda "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyna" gol çekdi. Bellenilişi ýaly, bu resminama bilim bermegiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek, bu ugurda innowasion usullary okuw işine giňden ornaşdyrmak, mugallymlaryň we terbiýeçileriň döredijilik başarnyklaryny hem-de ussatlygyny has-da ýokarlandyrmak maksady bilen kabul edildi.***

Çaganyň irki ösüşi boýunça 2020 — 2025-nji ýyllar üçin milli strategiýamyzda hem bu ugurda birnäçe işler göz öňünde tutulyp, halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaklyga, jemgyýetiň ruhy, intellektual we döredijilik mümkinçiliklerini ösdürmäge hem birnäçe işler gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda her bir maşgalada, şol sanda bilim we terbiýeçilik edaralarynda çagalaryň sagdyn kemala gelmegi, sowatly bolup ýetişmegi ugrunda zerur şertler durmuşa geçirilendir. Bu ugurda çagalar baglarynda hem körpeleriň zerurlyklary göz öňünde tutulyp, dürli çäreler, öwrediji okuwlar geçirilýär. Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işini kämilleşdirmekde, bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny gowulandyrmakda, çagalary okatmakda häzirkizaman usullaryndan peýdalanmakda çagalar baglaryndaky interaktiw tagtalardan, kompýuterlerden peýdalanmagyň ähmiýeti diýseň uludyr. Döwrebap enjamlaşdyrylan otaglar we kämil tehnologiýalaryň elýeterli bolmagy körpeleriň dünýägaraýşynyň giň, gözýetiminiň çuň bolmagyna getirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bilim ulgamyny ähli babatda ösdürmek boýunça berýän tabşyryklaryndan ugur alyp, biz hem körpe nesillerimize bilim, terbiýe bermekde öz gujur-gaýratymyzy gaýgyrman zähmet çekeris. Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösmegi, türkmen halkymyzyň asuda we parahat durmuşda ýaşamagy babatda uly tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Altyn NEPESOWA,**
**Daşoguz şäheriniň 31-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026